Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda yzygiderli durmuşa geçirilýän energetika syýasaty milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biri bolan nebitgaz senagatyny hemmetaraplaýyn ösdürmäge we onuň halkara energetika ulgamyna okgunly goşulyşmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýurdumyzda bu pudakda üstünlikli amala aşyrylýan iri taslamalar diňe bir ykdysady ähmiýete eýe bolman, eýsem, sebit we ählumumy energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmakda hem möhüm wezipäni ýerine ýetirýär.

Ýurdumyz uglewodorod serişdeleriniň baý gorlaryna eýe bolmak bilen, dünýäniň öňdebaryjy nebitgaz kompaniýalary, iri maliýe düzümleri bilen işewürlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegi, energetika boýunça hyzmatdaşlygyň ugurlaryny has-da giňeltmegi maksat edinýär. Şunuň bilen baglylykda, milli ýangyç-energetika toplumyna iň täzeçil ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze innowasion tehnologiýalary, sanly ulgamy işjeň ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýetine üns çekilýär. Türkmenistanyň elektroenergetika pudagynyň önümçilik kuwwatynyň artandygyny we tebigy gazda işleýän, iň täze tehnologiýalary özünde jemleýän, döwletimiziň energiýa paýlaýjy ulgamyna girýän döwrebap elektrik stansiýalarynyň birnäçesiniň hereket edýändigini bellemek gerek.

Ýangyç-energetika toplumynyň esasy bolup durýan gaz pudagy ýurdumyzyň senagat önümçiliginiň ýarysyndan gowragyny düzýär. Häzirki wagtda pudakda täze ýataklary ýüze çykarmak, barlag geçirmek we ulanmaga bermek uglewodorod serişdelerini ibermekden we saklamakdan başlap, taýýar önümi sarp edijilere ýetirmäge çenli önümçilik işiniň ähli tapgyrlarynda ornaşdyrylan öňdebaryjy tehnologiýalar arkaly amala aşyrylýar. Diýarymyzyň gazy gaýtadan işleýän pudagy täze zawodlaryň işe girizilmegi esasynda yzygiderli ösdürilýär. Şunda gaz çig malyny düýpli gaýtadan işleýän ýokary tehnologiýaly önümçilikleriň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Häzirki wagtda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek, täze ekologik standartlaryň çäklerinde öňdebaryjy tehnologiýalary alyşmak, döwrebap enjamlary satyn almak üçin täze maýa goýumlary çekmek, ekologik taýdan arassa önümçilikleri işe girizmek Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Şunda her ýyl geçirilýän pudaklaýyn sergileriň, duşuşyklaryň we maslahatlaryň netijeli gatnaşyklary ýola goýmak, täze taslamalary amala aşyrmak, pudagy ösdürmegiň dünýä meýilleri, mümkinçilikleri bilen tanyşmak arkaly bellenen maksatlara ýetmäge, ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň gazananlaryny giňden wagyz etmäge mümkinçilik berýändigini bellemek gerek.

Türkmenistanda tebigy serişdeler özleşdirilende, olaryň rejeli ulanylýandygyny, daşky gurşawy goramak babatda yzygiderli alada edilýändigini, sebitiň we dünýäniň energetika

Все права защищены

howpsuzlygy bilen bagly meseleler boýunça wajyp halkara başlangyçlaryň öňe sürülýändigini bellemek zerurdyr. Ekologik kadalaryň berjaý edilmegine aýratyn ähmiýet berilýän senagat desgalarynyň ulanmaga berilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda energiýa serişdeleri gazylyp alnanda, önümçilige netijeli gorag tehnologiýalary ornaşdyrylanda ekologik töwekgelçilikleri azaltmak, döwrebap dolandyryş çözgütlerini ulanmak boýunça degişli işler geçirilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan öz ägirt uly mümkinçiliklerini ählumumy bähbitler üçin ulanmagy teklip edip, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek babatda garaýyşlaryny beýan edýär. Energetika ulgamynda strategik başlangyçlary goldamak bolsa geljekde bu ugurda iri taslamalary durmuşa geçirmekde möhüm binýat bolup durýar.

**Töwe GURBANOWA**
**Türkmenistanyň energetika ministrliginiň**
**Aşgabat energetikaorta hünär okuw**
**mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены